# Seniň yşkyňda eý, nämähriban, bihanyman boldum…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Seniň yşkyňda eý, nämähriban, bihanyman boldum…




Seniň yşkyňda eý, nämähriban, bihanyman boldum,
Diýmen bihanyman, awaraýy iki jahan boldum.
Lebiň ger bermese posa, niçik jan elte algaý men,
Bu ýolda kim, adem sährasyna imdi rowan boldum.

Sorup ol aý lebiňden agzynyň remzini aňladym,
Bir agyr söz bile, görüň ki, munça hurdedan boldum.

Niçe kim gaşy ýaýlar yşkynda düzlügi görkezdim,
Weli, ahyr melamat oklaryna ok-nyşan boldum.

Güler erdim burun, Perhady misgin dessanyna,
Bu Şirindir ki, onuň birle ok hemdessan boldum.

Wysalyň döwletine ýetmesem, Babyr kibi netaň,
Ki hijriň mähnetinde esr-u zar-u, natuwan boldum. Goşgular